# Harari emeli añdan howatyrly: «Adamzadyñ aman-sag galjagy belli däl»

Category: Hekaýalar,Kitapcy,Sözler,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Harari emeli añdan howatyrly: "Adamzadyñ aman-sag galjagy belli däl" «SAPIENS»-iñ AWTORY HARARI EMELI AÑDAN HOWATYRLY: «ADAMZADYÑ AMAN-SAG GALJAGY BELLI DÄL»




*Emeli añyñ ekzistensial howplary tehnologiýa dünýäsiniñ soñky döwürdäki iñ jedelli temalarynyñ biri (The Independent / Midjourney)*

«Sapiens: Adamzadyñ gysga taryhy», «Homo deus: Ertiriñ gysga taryhy» ýaly kitaplary bilen tanalýan ysraýylly taryhçy Ýuwal Noý Harari emeli añyñ öñe saýlanmagyndan aşa howatyrlanýar.
«The Telegraph»-a beren Harari «Munuñ özi taryhda hekaýa döredip bilýän ilkinji tehnologiýa» diýdi.
Harari hiç bir zadyñ mundan has beter güýç görkezijisi bolup bilmejekdigini aýdýar. Çünki onuñ pikiriçe, adamzadyñ ynanç sistemalary, maliýe we döwlet baradaky «hekaýalara» gönükdirilen köpçülikleýin ynanjy dünýäniñ üstündäki agalygynyñam açary boldy. Indi emeli añyñam bular ýaly hekaýalary döredip bilýändigini aýdýan taryhçy şu sebäpli geçen aý gürrüñi edilýän tehnologiýanyñ eksiztensial howplaryna ünsi çekýän kollektiwleýin hata gol çekipdi.
Gol çekenleriñ arasynda Ilon Maskyñam bolan şol hatda

howplaryna göz ýetirilýänçä «ChatGPT»-a meňzeş sistemalary işläp düzen ähli taraplaryň işlerini alty aýlap togtatmak talap edilýärdi. Hususanam 2022-nji ýylda sensassiýa döreden «gallaw emeli aň» enjamlary köp sanly hünärmeni ekzistensial howplar hakda oýlanmaga iterdi. Ulanyjylaryň söhbet gutujygyna sözleriň girip şekil emele getirmegini üpjün edýän «Dall-E» ýa-da şolar bilen ýazgyly ýa-da sesli gürleşip bilýän «ChatGPT» ýaly ulgamlara emeli aň ady berilýär.




Bu ulgamlar internetdäki millionlarça setir tekst we şekil bilen taýýarlandy. Munuň kömegi bilen ulanyjylaryň sowallaryna jogap berip bilýär we gyzyklanýan islendik temasy boýunça şekiller ýasap berýär.
Beýleki bir ýandan Harari «Täze tapgyr emeli aň diňe adamlaryň berýän maglumatyny ýaýradanok. Maglumaty özbaşdak hem taýýarlap bilýär» diýýär.
Köp ýazgynyň, aýdymyň we yzyndan teleseriallaryň, suratlaryň adama dahylly däl «aň» tarapyndan döredilen dünýäsinde ýaşamagyň nämäni aňladyp biljekdigini göz öňüne getirmäge synanşyň. Emeli aňyň medeniýetimizi eýelemeginiň netijeleri nähili bolup biler?

Gürrüñi edilýän ulgamyñ demokratiýa üçinem ullakan howp döredip biljekdigini aýdan Hariri «Munuñ özi aýratynam demokratiýalar üçin awtoritar režimlerden has uly howp-hatardyr, çünki demokratiýalar jemgyýetçilige açyk çykyşlara goldanýar» diýdi:
«Demokratiýa aslyýetinde çykyş etmedir, pikir alyşmadyr, gürrüñleşmedir. Adamlar biri-birleri bilen gürleşýär. Gürrüñleşmäni emeli añ elimizden alsa, demokratiýa diýlen zat gutarar».




Munuñ bilen bir hatarda taryhçynyñ pikiriçe emeli añyñ totalitar režimler tarapyndan ýaramaz maksatly ulanykma ähtimallygy-da bar. «Nasistik režim otlular, elektrik enjamlary, radiouzeller ýaly tehnologiýalara goldanýardy. Emeli añ ýaly tehnologiýasy ýokdy» diýen Harari sözüniñ üstüne şulary goşdy:
«XXI asyrda täze režim aşa güýçli tehnologiýalara eýe bolar. Ýagny, munuñ netijeleri pikir edişimizden has eýmenç bolup biler. Adamzadyñ aman-sag galjagy belli däl».
Taryhçynyñ pikiriçe bu boýunça başga bir howpam köp adamyñ geljekdäki iş orunlary üçin esasy ukyp-başarnyklaryndan mahrum edilip, doly işsiz galdyrylmagy.
«Ykdysady sistemanyñ millionlarça adamy hiç zada peýdasyz jemende hasaplaýan derejesine ýetip bileris. Munuñ gorkunç psihologiki we syýasy netijeleri bolar» diýen Harari sözlerini şeýle dowam etdirdi:
«Emeli añyñ taryhda özbaşdak netijä gelip bilýän ilkinji tehnologiýadygyna düşünmeli. Ol öz ulanylyşyna degişli kararlary-da kabul edip bilýär. Şol bir wagtyñ özünde siz we men hakynda-da netijä gelip bilýär.Bu ýöne bir geljegiñ

çaklamasy däl. Bolup duran zat».



*Ýuwal Noý Harari*

Hata garşy çykan tanymal şahslar-da bar. Harariniñ hem gol çeken açyk hatynda kompaniýalaryñ arasyndaky emeli añ bäsdeşliginiñ «çygyrdan çykandygy» aýdylýar:

«Soñky aýlarda emeli añ hiç kimsäniñ (ony döredijileriñem) düşünmejek, çak edip bilmejek ýa-da howpsuz gözegçilikde saklatmajak, gözegçilikden çykan bäsdeşlige kilitlendi».

Beýleki bir ýandan emeli añ boýunça howatyrlanmalara goşulmaýan adamlaram bar. Mysal üçin, «Microsoft»-yñ hojaýyny Bill Geýts gallaw emeli añ enjamlaryny «rewolýusiýa» hasaplaýar.

Bu boýunça alnyp barylýan işleriñ togtadylmagyny talap edýän haty tankyt eden Geýts şeýle diýipdi:

«Belli bir topardan säginmegi talap edeniñiz bilen kynçylyklary çözüp bolar öýdýäñizmi?»

Independent Türkçe, The Telegraph, CNBC.



Taýýarlan: Çagla ÜREN.
Sişenbe, 25.04.2023 ý. Ylym we tehnologiýa